# Gatyrçyogly Mämmet paşa

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gatyrçyogly Mämmet paşa GATYRÇYOGLY MÄMMET PAŞA

Garakçylykdan Garaman iliniñ häkimligine çenli beýgelen we zannyýaman asylara (jenaýatkärlere) garşy göreşýän goşunlaryñ serdary bolan Gatyrçyogly Mämmet paşa garadangaýtmaz batyrlygy bilen bir hatarda iññän akyl-paýhasly, ederini bilýän we çalt oýlanyp çalt netije çykaryp bilýän wezir bolupdyr.
Gatyrçyogly Mämmet paşa Krit adasyny eýelemekde görkezen gahrymançylygy dillere dessan bolupdyr.
Kandiýe galasynyñ gabawynda Köprülizada Fazyl Ahmet paşa töwerekdäki belent gerişli daglara göz aýlap, Gatyrçyogly Mämmet bege:
– Paşa gardaş, bu daglar ne ajap garaşanyña degýän daglar! – diýip, onuñ birmahallar garakçy bolandygyny ýatladanda, Mämmet paşa baş weziriñ näme diýjek bolýanyna düşünip, şobada:
– Paşa hezretleri, dogry, ajap daglardyr bu daglardyr, emma bu daglardan kerwen ötmez – diýipdir.
Gatyrçyogly Mämmet paşa 1655-nji ýylda Kaptanyderýa (admiral) Zurnazen Mustapa paşanyñ serkerdeligindäki ýörişe gatnaşýar. Ol şonda osmanly türkmen flotiliýasynyñ wenesiýa flotiliýasyna garşy söweşlerde görkezen gahrymançylygy patyşanyñ öwgüsine mynasyp bolupdyr.
Gatyrçyogly şol ýyldan soñ Garaman begleriniñ begi bolup birnäçe ýyllap Krit adasynda gulluk edipdir.
Krite kömege barýan gämileriñ duşmanyñ hüjümine uçramagy çetin galalaryñ biri bolan Kandiýäni gabawyndaky güýçleri kyn ýagdaýa düşürýär. Pursatdan peýdalanmak islän wenesiýalylaryñ garşylyklaýyn hüjümi Serdar Däli Hüseýin paşanuñ we Gatyrçyogly Mämmet paşanyñ tagallasy bilen şowsuzluga uçradylýar. (Rebiülahyr 1067 / ýanwar 1657).
Belli bir müddetden soñ wenesiýalylar Hanýany yzyna gaýdyp almak üçin adanyñ alkymyna çenli gelýärler. Serdar Towukçy Mustapa paşanyñ ýolbaşçylygyndaky goşunyñ esasy adamlarynyñ

biri hökmünde Gatyrçyohly wenesiýalylara garşy deñsiz-taýsyz gahrymançylyk görkezipdir.
1667-nji ýylyñ 21-nji sentýabrynda Kandiýe gabawynda görkezen gahrymançylygy mynasybetlu Anadoly begleriniñ begi wezipesine bellenipdir. Emma ol galanyñ öñünde dowam eden söweşleriñ birinde wepat bolupdyr. (Rejep aýynyñ 13-i 1079 / 17.12.1668).

09.03.2019 ý.

Ryza Tekin UGUREL. Taryhy şahslar